TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

«TASSYKLAÝARYN»

Rektor_____________Atabaýewa A.O.

«___»__________________2025ý.

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça III Açyk Halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek, bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny hem-de talyplaryň ykdysady pikirlenmelerini we başarnyklaryny ösdürmek maksady bilen ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça III Açyk Halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## 1. Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça III Açyk Halkara internet olimpiadasyny guramagyň we geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe Watana, halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, başarjaň, giň dünýägaraýyşly ýaşlary ýüze çykarmak esasy wezipe hökmünde kesgitlenildi.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça Açyk Halkara internet olimpiadalaryny yzygiderli geçirmek Türkmenistanyň sanly bilim ulgamynda gazanan netijelerini we ýaşlaryň innowasion tehnologiýalary, dünýä ykdysadyýeti bilen baglanyşykly çemeleşmeleri ulanmakda ukyp-başarnyklaryny görkezer.

Halkara Internet olimpiadalarynyň geçirilmegi milli ykdysadyýetiň durnukly ösýän şertlerinde bilim tehnologiýalaryny netijeli ulanmaga we häzirki zaman global

meseleleri özbaşdak çözmegiň usullaryny başarýan zehinli talyp ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam eder.

**Olimpiadanyň maksady:**

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda ylym-bilim hyzmatdaşlygyny ösdürmek, öňdebaryjy tejribeleri ýaýratmak we bilim çeşmeleri boýunça maglumatlary alyşmak;

b) ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň bilelikde ylmy pikir alyşmalaryny guramak;

ç) häzirki döwürde ýüze çykýan ylmy we amaly meseleler boýunça amatly dolandyryş çözgütlerini kabul etmäge ukyply ýaş hünärmenleri taýýarlamak;

d) talyplaryň dünýä ykdysadyýetiniň özboluşly aýratynlyklaryny ýüze çykarmak boýunça pikirlenmelerini we dünýägaraýyşlaryny ösdürmek.

**Olimpiadanyň wezipesi:**

a) häzirki zaman bilim, sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly dünýä ykdysadyýetiniň ösýän şertlerinde global meseleleriň netijeli çözgütlerini tapmaga gyzyklanma döretmek;

b) zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň mundan beýläk intellektual ösüşi bilen bagly hünär saýlamaklaryna oňyn şertleri döretmek;

ç) sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriň we aýry-aýry ylmy merkezleriň özara aragatnaşygyny amala aşyrmak.

## 2. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça III Açyk Halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Döredilýän guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk topary:**

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça III Açyk Halkara internet olimpiadasyny geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de olimpiadany guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işleriniň toplumyny ýerine ýetirýär;

b) olimpiadany geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri hem-de usulyýet we gözükdiriji gollanmalary taýýarlaýar;

ç) Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri bilen olimpiadanyň meselelerini işläp taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar.

## 3. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

3.1. Olimpiada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ähli ýokary okuw mekdepleriniň dürli ugurlarynyň, hünärleriniň ýokary bilim maksatnamalary boýunça okaýan talyplar gatnaşyp biler;

3.2. Olimpiadanyň resmi iş dilleri - türkmen, iňlis we rus dilleridir.

3.3. Her bir gatnaşýan talyp tsiem.worldec@sanly.tm saparovagulnabat@mail.com elektron poçtalaryna gatnaşyjylar barada doldurylan maglumatlary iberip hasaba alynmalydyr. Gatnaşyjylar tarapyndan iberilen maglumatlary esasynda, talyplara olymp.tsiem.edu.tm onlaýn platformasyna girmek üçin akkaunt döredilер we degişli maglumatlar (login, parol) gatnaşyjylara iberiler. Olimpiada Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň olymp.tsiem.edu.tm salgysynda ýerleşýän onlaýn platformasynda geçiriler. Bäsleşige okaýan hünärine bagly bolmazdan her ýokary okuw mekdebinden 4 (dört) sany talyp gatnaşyp biler.

3.4. Internet olimpiadasynda «Dünýä ykdysadyýeti» dersi boýunça 10 (on) sany meseleler hödürlener we olary çözmek üçin 120 (bir ýüz ýigrimi) minut wagt berler.

3.5. Olimpiada gatnaşýan her bir talyp berilýän meseleleri özbaşdak işlemeli. Olimpiadanyň geçýän wagtynda birek-birek bilen gepleşmek, dürli neşir önümlerinden peýdalanmaga rugsat berilmeýär. Şu düzgünleri berjaý etmeýän talyplar olimpiada gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylýar.

3.6. Olimpiadanyň eminler toparynyň düzümine Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ylym-bilim edaralaryň wekilleri girer. Eminler toparynyň düzümini we onuň başlygyny Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektory tassyklaýar.

3.7. Eminler topary olimpiada gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.

3.8. Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de gutarnykly netije üýtgedilmeýär.

## 4. Talyplaryň Internet olimpiadasynyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

4.1. Olimpiadanyň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenýär.

4.2. Olimpiadanyň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

4.3. Ýeňijileriň umumy sany gatnaşyjylaryň 50%-den geçmeli däldir. Diplomlar 1:2:3 gatnaşykda kesgitlenilýär.

4.4. Olimpiadanyň ýeňijileri I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanylýar.

4.5. Olimpiadada 6 (alty) sany meseläni doly çözen, ýöne baýrakly orna mynasyp bolup bilmedik talyplar höweslendiriji hormat haty bilen sylaglanylýar.